# Täze talap – täze hil!

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Poemalar,Powestler,Romanlar,Saýtyň täzelikleri,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025
Täze talap – täze hil! TÄZE TALAP – TÄZE HIL!




Hormatly okyjylar!
Mundan beýläk saýt iki adminstratoryñ gözegçiliginde dolandyrylar:
@Moderator – ýagny, baş redaktoryñ ornunda saýtda paýlaşylýan eserleriñ hiline we ýazuw düzgünine gözegçilik eder;
@Inžener – ýaş ýazyjy Rahman Zulfikarow, saýtyñ tehniki işleýşine we dizaýnyna jogapkär.
Saýtda dört agza hemişelik awtorlar toparynda galdyrylmaga mynasyp görüldi:

@Garaýolly – şahyr we halypa mugallym Şyhymyrat Abdyllaýew;
@Garadag – şahyr, ýazyjy Sylapberdi Muhamow;
@Gökböri – terjimeçi Guwanç Mämiliýew;
@Geldimyrat – ýaşuly şahyrymyz Geldimyrat Seýidow.

Mundan başga-da ýagdaýlara we şertlere görä 5-10 agza myhman awtorlyga saýlanyp bilner.

(Bular öňki tertipde (diňe öz galamyndan çykan) eserlerini tölegsiz paýlaşyp bilerler. Hemişelik awtorlarymyzyň sanyny 10-a ýetirmekçidigimiz üçin tanymal ýazyjy-şahyrlarymyzyň ýene bäşisinden geljek seslenmelere garaşýarys. Şeýle-de, ýagdaýlara we şertlere görä, awtorlarymyzyň düzümi azalybam, köpelibem biler).

Saýtda eseriňi paýlaşmak tölegli görnüşe geçiriler. Munuň üçin **ilki adminstrasiýanyň salgysyna (haweranm@mail.ru) eseriňi ugradandan soň**, gözegçilikden geçendigi we saýtyň talaplaryna doly gabat gelýändigi hakda **oňyn jogabyňyzy alanyňyzdan soň**, görkezilen telefon belgä eseriň göwrümine görä kesgitlenen nyrhda pul geçirmeli bolarsyňyz. **Pul geçenden soň** eseriňiz saýtda okyjylaryň dykgatyna ýetiriler.

Şu ýerde bir zady bilmegiňizi isleýäris. Tölegli görnüşe geçmek bilen **maksadymyzyň gazanç etmek däldigini**, tersine; toplanan pullaryň hasabyna talyplara we beýleki höwesjeň göçürijilere **el hakyny töläp** çeper edebiýatymyzyň saldamly eserlerini kompýutere geçirtmekdigini we olary **gaýtadan giň okyjylar köpçüligine ýetirmekdigini**, dünýäniň islendik künjeginden saýtymyza girmek elýeterlidigi üçin türkmen dilli edebiýatymyzy, edebi mirasymyzy dünýä ýaýratmakdygyny aýratyn belläp geçesimiz gelýär.

Göçürtmek üçin birinji göz öňüne tutýan materiallarymyz:

– Nargylyç Hojageldiýewiň «Bagyşla ýarym», «Gülle degen sünbüller» romanlary;
– Atajan Taganyň «Saragt galasy» romany;
– Ýazmyrat Mämmediýewiň «Şapak» romany;
– Sapargeldi Annasähet Iner oglynyň «Ygrar» romany we powestleri;
– Çary Aşyrowyň «Ganly saka», «Lalyň ogly», «Gökýaýlanyň ýigitleri» poemalary we beýleki taryhy romanlary;

– Esen Ataýewiñ taryhy romanlary;
– Gylyç Kulyýewiñ taryhy romanlary;
– Arap we Täşli Gurbanowlaryñ kyssa eserleri;
– Türkmen tankytçylary Öde Abdyllaýewiñ, Abdylla Myradowyñ, Saýlaw Myradowyñ, Durdymuhammet Nuralyýewiñ we beýlekileriñ tankydy makalalary;
– Lew Tolstoýyñ türkmen dilinde çap edilen köptomlugyna girizilen eserleriñ hemmesi we beýleki rus klassyklarynyñ türkmen diline geçirilen eserleri;
– Magtymguly hakda ýazylan ähli çeper eserleri we ylmy makalalary;
– Türkmen ýazyjylarynyñ we daşary ýurt edebiýatynyñ sowet döwründe we Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen gazet-žurnallarynda çap edilen hekaýalary, powestleri, romanlary, makalalary.

(Şu ýerde Sizi begendirip biljek ýene bir gowy habary dykgatyñyza ýetiresimiz gelýär. Nargylyç Hojageldiýewiñ Russiýanyñ arhiwlerine gatnap, azap çekip ýazan bäş tomluk «Gökdepe» taryhy epopeýasy kompýutere geçirilen görnüşde okyjylaryna ýetirilmegine garaşýar. Elbetde, munuñ üçin saýt Nargylyç aganyñ hossarlaryndan ilkinji bolup awtorlyk hukugyny satyn almaly).

Öz eserini ugradyp, saýtda okyjylara ýetirmek isleýänler üçin tölegleriñ möçberini häzirlikçe şeýdenimizde maksadalaýyk bolar pikir edýäris.

Bir goşgy üçin – 5 manat;
Bir poema (3-6 word sahypalyk) üçin – 15 manat;
Bir hekaýa (2-5 word sahypalyk) üçin – 15-20 manat;
Bir powest üçin – 50-60 manat.
Bir roman üçin – 150-200 manat.

Şeýle-de, islegler boýunça hem haýyşlary kabul ederis. Çeper edebiýatyñ muşdaklary okamak isleýän eserleriniñ adyny ýazarlar we munuñ üçin (eger islese) göçürijilere tölejek el hakymyza gatanç üçin görkezilen belgä pul geçirip bilerler.
Unutmañ, Siziñ eden maddy kömekleriñiz, ýene Siziñ özüñize,

tutuş il-günümize, çeper edebiýatyň muşdaklaryna elýeterli ediljek eserler bolup gaýdyp barar!

Biz kän gezek göwrümli çeper eserleri göçürip ýa göçürdip, saýtda okyjylaryň dykgatyna ýetirmek isledik. Az iş hem edilmedi. Bäş ýarym ýylyň dowamynda (biziň üçin kän wagt, emma ýetirilen eserleri az görýäris) Öwezdurdy Nepesowyň «Uzak-uzak ýyllar», «Pyragy», «Zyýarat», «Kyýamat-magşara çenli», «Iň soňky tomus», «Parlamentiň synmagy», Taňryguly Taganowyň «Magtymguly», Gowşut Şamyýewiň «Ynsabyň yzasy», Annatagan Nurgeldiýewiň «Baýram han» romanlary, Annageldi Nurgeldiýewiň birnäçe detektiw powesti, gyzy Enejan Hydyrowanyň ýardam etmeginde satirik ýazyjymyz Gurbangylyç Hydyrowyň hekaýalary, Baýramgeldi Çaryýewiň dürli ýyllarda gazet-žurnallarda çap edilen makalalary öz tagallalarymyz bilen saýtda paýlaşyldy. Ýöne bu zatlar köp wagt we köp zähmet talap edýän irnik iş. Işimiziň daşyndan şu depgini gowşatman dowam etdirmek mümkin däl. Talapkär okyjylarymyz bolsa saýtyň gorunyň üstüniň ýetirilip durulmagyny isleýär. Şonuň üçin höwesjeň göçürijileriň el haky berlip höweslendirilse, depgini hasam güýçlendirip bolar diýip pikir edýäris. Munuň iň gowy mysalyny žurnalist Döwran Agaly iş ýüzünde subut edip görkezdi. Döwran aga belli ýazyjy Osman Ödäýewiň aýalynyň hemaýatkärlik etmeginde göçürijiniň el hakyny töläp, onuň öň çap edilen we edilmedik hemme eserlerini kompýutere geçirtdi we şahsy hasabyna 34 tomdan hem agýan köptomluk edip çykartdy (eserleriň aglaba bölegi saýtda paýlaşyldy). Biz uly ýazyjylarymyzyň edebi mirasyny toplamak bilen bu asylly işi dowam etdirmek isleýäris.

Ýokarda bellenip geçilenler, entek başlangyç teklipler. Kimiň näme teklibi bolsa, bir hepdäniň dowamynda teswirlerde ýazyp biler. Näme edende has gowy bolar, näme edenimizde has köp eserleri il-halkymyza, giň okyjylar köpçüligine elýeterli edip bileris?
Bilelikde maslahatlaşyp, iň gowy netijä gelmek Size bagly, mähriban okyjylar!

Bir hepdeden soñ aýdylan tertibe geçeris. Teklipleriñize garaşýarys. Saýtyň täzelikleri